# Bir mahallar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bir mahallar BIR MAHALLAR

*(Güljahanyñ günäsiz ruhuna)*

Bu aýdymy saña özüm aýdyp berjek ezizim,
Ýüregime gam çökende, bolar ýaly teselli.
Bir ýerinde zeminiñ
Ýyldyzly göge bakyp,
Bir mahallar
Gapdalymda sen barkañ
Diýeridim men
bütin älem gözellik.

Dañ cigregne biraz üşän bedenim galpyldap tolgunyp çala,
Gyryk sesim owazy deý gadymy gargy tüýdügiñ
gulagyña ýakmaz belki, halamarsyñ
Meñ aýdymym
Señ ýadyña salmazmy ol
Alysdaky ala daglañ arkasyn.
Bir mahallar
Sen ony meñzederdiñ hamyna ala barsyñ.

Gaýdyp gelmekligi asla, asla mümkin bolmadyk,
Ýaşlyk didaryñy gözel keşbiñi
Mähriñi
Ruhuma has ýakyn duýup rahatlyk gözleýän ýene.
Meýdan güllerine haýran, Aý seretse yokardan,
Senden baky aýra düşen ýetim ogly men zeminiñ.
Geçen ýaşlyk ýyllarmyzyñ duýgulary siñdirilen,
Şol aýdymy saña özüm aýdyp berjek men ezizim.

Sylapberdi MUHAMOW.

Moskwa, 25.12.2022. Goşgular